# Belaýy yşk ki, her dem maňa jepaýydyr…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Belaýy yşk ki, her dem maňa jepaýydyr…



Belaýy yşk ki, her dem maňa jepaýydyr,
Bu yşkdan geçe alman, ajab-a belaýydyr.
Hatty lebine tutaş bolsa, eý, köňül, ne ajap,

Ki Hydyr çeşmeýi haýwana, rehnemaýydyr.

Ýarar bu hassa köňül derdine oky-ýarasy,
Meger ki her ýarasy ýarnyň dowaýydyr.

Bahar paslydyr-u meý höwesi başymda,
Aýak tut maňa saky, ki, hoş howaýydyr.

Ol aý rakyba boldy rafyk-u Babyrnyň –
Rafyk-u hemdemi hijrinde ah-u waýydyr. Goşgular